# MIRASYŇ ÇEMENLERI

Maral TAGANOWA*

Gündogarda gün kimin dogup, daş-töweregine öz şöhlesini gysganman saçýan Türkmenistanda türkmeniň berkarar döwletini döreden, sarpasy belent Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýolbaşçylygynda, onuň öňdengörüji, parasatly syýasaty bilen gazanylan üstünlikler dünýäni haýran edýär. Başda şeýle üstünlikleriň bolmagyna ynanmazçylyk edenler bu gün özleriniň ýalňyşandyklaryna düşünýärler. Sebäbi her bir adam ýurdumyzda bolup geçýän özgerişleriň gönüden-göni şaýady bolup gelýärler.Türkmeniň durmuşynda bolýan özgerişleriň esasyny merhemetli Serdarymyzyň halkymyzyň ruhuny galkyndyrmakda bitirýän işleri düzýär. Ruhy galkynyş gönüden-göni halkyň ruhy baýlygy bilen berk baglanyşyklydyr. Ruhy baýlyk, esasan, türkmeniň ýazuw çeşmelerinde jemlenýär. Türkmen halky ýazuw çeşmelerine baý halklaryň hatarynda durýar. Türkmeniň taryhyna ser salsaň, onuň dürli döwürlere degişli ýazuw çeşmelerine baýdygyny görmek bolýar. Her döwrüň özüne mahsus ýazuw çeşmesi bar. Mysal üçin, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy zamanasynyň naýbaşy çeşmesi bolup Garaşsyzlyk döwründe döredilen eserler, ilki bilen bolsa Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň üç mukaddes

* Dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty

atalyk kitaplary we beýleki eserleri hyzmat edýär. Beýleki taryhy döwürleriň hem özlerine mahsus çeşmeleri bar. Ol çeşmeler türkmeniň taryhyny, medeniýetini, sungatyny, dilini, dinini, däp-dessuryny, ýaşaýşyny we ş.m. dürli meseleleri çuňňur öwrenmäge mümkinçilik berýär. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy zamanasynda Serdarymyzyň tagallasy bilen öň türkmene az ýa-da düýbünden tanyş bolmadyk ýazuw çeşmeleri bilen tanyşmak mümkinçiligi döredi. Indi halkymyz öz taryhynyň gizlin syrlaryny arkaýyn öwrenip, dünýä siwilizasiýasyndaky tutýan ornuna dogry düşünmegi başarýar. Her bir ýazuw çeşmesi bilen tanyşan pursadyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň şu sözlerini ýatlanyňy duýman galýarsyň: "Türkmen Oguznamalary – bu beýik taryhy eserler, ajaýyp türkmen dessanlary, gaýtalanmaz şygryýet, türkmen sopuçylyk pelpesesi, çuňňur türkmen sazy – bu ruhy gymmatlyklaryň baryny türkmen müňýyllyklaryň dowamynda döredipdir. Şeýle ruhy gymmatlyklaryň taryhy durmuş bilen baglanyşyklylykda manysyny açmak, olary türkmeniň taryhy ýaşaýyş ukybynyň ýüze çykmasy hökmünde düşündirmek zerur işdir. Bu diňe bir ata-bablarymyzyň taryhy belentligini we şöhratyny dikeltmek üçin däl, eýsem beýik geljegimiziň esasy hökmünde aňlatmak üçin hem zerurdyr". Beýik Serdaryň bu sözleri döredijilik bilen iş salyşýan her bir adam üçin gaýragoýulmasyz maksatnama bolup durýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy biziň öňümizde diňe bir wezipe goýman, eýsem şol

Wezipeleri ýerine ýetirmek üçin mümkinçilik hem döredip berýär. Türkmeniň taryhy mirasyny çuňňur öwrenmek üçin Beýik Serdarymyz Türkmenistanyň Milli medeniýet "Miras" merkezini açyp berdi. Ol merkezde örän gysga döwrüň içinde gymmatly ýazuw çeşmelerimiziň birnäçesi neşir edilip halk köpçüligine ýetirildi. Olaryň her biri bilen tanyş bolanyňda, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň: "Türkmen edebiýatynyň taryhynda yz galdyran eserlere türkmeniň milli baýlygy hökmünde garamak gerek. Dünýä halklary biziň edebiýatymyzy, taryhymyzy, sungatymyzy görüp, türkmen halkynyň hakykatdanam dünýä ösüşine ägirt goşant goşan halkdygyna düşünmeli" diýen sözleriniň subutnama talap etmeýän hakykatdygyna has hem gowy göz ýetirmäge mümkinçilik alýarsyň. Şolaryň ähmiýeti barada gysgaça şeýle gürrüň etmek bolar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ähmiýetli taryhy golýazmalary neşir etmegi ýola goýup, neşir edilen kitaplaryň girişinde şeýle sözler bilen ak pata berdi: "Medeni miras – bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsançdyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr. Medeni miras – bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir" diýip okyjylara ýüzlenýär.

Ilki bilen neşir edilen kitaplaryň biri Berlin şäherinde ýerleşýän kitaphanada saklanýan XV asyrda ýaşan türkmen taryhçysy **Ýazyjy ogly Alynyň** öz elinden çykan **"Seljuk türkmenleriniň taryhy**" atly golýazmasydyr. Bu henize çenli giň halk köpçüligine tanyş bolmadyk we şu güne çenli doly çap edilmedik eserdir. Onda Oguz handan başlap Rum Seljuk soltanlaryna çenli döwür aralygynda bolup geçen taryhy hem syýasy wakalar yzygiderli beýan edilýär. Eser Osmanly-türkmen soltany Myrat II soltanlyk eden döwründe 1423-1436-njy ýyllar aralygynda ýazylan eserde musulman gündogarynyň taryhy bilen bilelikde dünýä taryhyny hem çuňňur öwrenmek üçin bahasyna ýetip bolmajak, ygtybarly maglumatlar duşýar. Esasan, türkmenleriň-oguzlaryň gelip çykyşy, däp-dessurlary, medeniýeti, döwletleri baradaky gyzykly maglumatlar ünsüňi özüne çekýär. Ine, şolaryň biri:

**Soltan Süleýmanşanyň Rumdaky patyşalygynyň beýany**

Mälik şa Soltan Süleýmanşany Rum söweşine ugradyp, Türküstandan gelen ýüz ýigrimi müň türkmen öýüni oňa goşun edip berdi. Ony Ruma gönderdiler. Rum patyşalygyna bellenip, Ruma geleninde ol ýerdäki söweşe we ýörişe gelen oguz begleri we gullary Malatyýada garşylap, hormat we däp-dessur bilen getirdiler. Konýada tagta çykardylar. Rum şasy gorkup, tabyn boldy we Stambuldan Rum we Pereňi parçalaryndan, eşiklerinden, aýakgaplaryndan, altyn-kümüş zynatlaryndan, gapgaçlardan, maňsyklardan we ýüz müň fulury gönderip, salam ýollady, gelişini mübärekledi. Ähli şäher begleri, rum we türk begleri salam ýollap, peşgeşler getirdiler. Rum oňa we onuň nesline karar tapdy. Bir niçe müddet Rumda patyşa bolup, wepat boldy. Ýerine ogly Soltan Mahmyt patyşa boldy. Ol hem ölenden soň ogly Soltan Mesgut patyşa boldy. Ondan soň ogly Gylyç Arslan patyşa boldy. Oňa-da ajal erişdi.

Okyjylar üçin gyzykly bolan kitaplaryň biri **Reýhan Horezminiň** arap dilinden terjime edilen **"Mertebeler we kemlikler**" atly ajaýyp eserdir. Eser arap dilinde ýazylan bolsa-da, ony ýazan türkmendir. Bu türkmen ogullarynyň öz döwürlerinde öňdebaryjy, ösen pikirli bolandyklaryny, şonuň netijesinde ösen ylmyň, edebiýatyň dili bolan arap dilinde eser döretmegi başarandyklaryny subut edýär. Adamzat dörän gününden başlap, gowy bilen erbet, ýagşylyk bilen ýamanlyk ýaly düşünjeler barada oýlanyp, olary kesgitläp, terbiýe meselesiniň esasyny düzüpdirler. Şonuň esasynda terbiýe bermäge çalşypdyrlar. Reýhan Horezminiň "Mertebeler we kemlikler" atly eseri hem terbiýe baradaky aýdylan pikirleriň ýygyndysy diýilse, ýalňyş bolmaz. Reýhan Horezmi eserinde adamlaryň oňyn hem erbet häsiýetleri barada belli adamlaryň aýdanlaryny jemläp bize ýetiripdir. Ondaky pikirler näçe asyr mundan öň aýdylan hem bolsa, häzirki gün hem öz ahmiýetini ýitirenok. Sebäbi dürli döwre degişlidigine seretmezden, adamzat durmuşynda söýgi–

ýigrenç, ýagşylyk - ýamanlyk ýaly adamyň biparh bolup bilmejek närseleri bar. Olar barada bolsa islendik wagt hem gürrüň etmek wajyp bolup durýar. Bir gezek menden “Size ýamanlyk edýärler, töhmet atýarlar, näme üçin olara gaýtargy bereňizok” diýip soranlarynda, “Men adama hiç haçan ýamanlyk etmeýärin. Adama edip bilsem, diňe ýagşylyk edýärin, ýamanlyk edenden ar almaýaryn” diýip jogap beripdim. Reýhan Horezminiň “Mertebeler we kemlikler” atly kitabyny okanymda, dogry ýaşaýandygymy subut edýän mysallara gabat geldim we dogry ýoldan barýandygyma göz ýetirdim. Kitapda şeýle diýilýär: “Süleýman ibn Musa şeýle diýdi: Üç adam üç kişiden ar aljak bolmaz. Mylaýym adam akmakdan, ýagşy adam ýaramazdan, mertebeli adam binamysdan”.

Adam dünýä gelen gününden özüniň başarjak zady barada pikir etmegi başarmaly. Munuň şeýledigine “Mertebeler we kemlikler” diýen

kitaby okanyňda, has hem gowy göz ýetirýärsiň. Onda şeýle diýilýär:”Kaýs ibn Asym şeýle diýdi:”Bu dünýäde dört zat başartmaz:

Birinji: Akyly döredip bolmaz.

Ikinji: Tebigaty üýtgedip bolmaz.

Üçünji: Ýazgytdan çykyp bolmaz.

Dördünji: Ajala al salyp bolmaz”. Şu aýdylanlary haçan gaýtalasaňam, öz ähmiýetini ýitirmeýär.

Söýgi bilen ýigrenjiň arasynda tapawut goýmak kyn bolýar. Şonuň üçin adamlar bilen gatnaşykda sabyrly bolmaly, söýmäge-de, ýigrenmäge gyssanmaly däl. Munuň şeýledigini şu setirler tassyklaýar: “Şeýtan Tak şeýle diýdi: “Dostlaryňa bolan söýgiňde çäkden geçme, hatda duşmanyňam sypaýy ýigren. Sebäbi sen dostuňy haçan ýigrenjegiňi we duşmanyňy haçan bagyşlajagyňy bileňok. Şonuň üçin her bir işde akylly hereket et”.

Adam ähli zatda sahy bolmagy başarmaly. Her bir eden işini ak ýürek bilen edip, islendik meselede jomart bolmagy başarsa, hudaý tarapyndan elmydama sylaga eýe bolar. Hudaý hiç haçan ak ýürekli bendesini gözden salmaýar. Şeýle pikirlere Hatam Taý barada aýdylanlar getirýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasyny elime alýançam, durmuşda emeli döredilýän kynçylyklar bilen göreşmek, olara garşy durmak örän kyn bolýardy. Bu mukaddes kitapda durmuşyň islendik meselesine degişli, örän ýerlikli maslahatlar, ýol-ýörelgeler bar. Şonuň üçin islendik kyn ýagdaýa düşenimde mukaddes Ruhnamany özüme galkan edinýärin, şonda durmuşda edilýän nosanlyklara garşy durup bolýar.“Mertebeler we kemlikler” eserinde-de durmuşda kynçylyk çekip, ruhdan düşen çagyň gaýtalap okanyňda, saňa

goltgy berjek, käbir zatlaryň adamyň bolan ýerinde elmydama bolandygyna has hem gowy göz ýetirmäge mümkinçilik berýän setirler bar. Olary okap, daştöweregiňdäki adamlara dogry baha bermegi başarýarsyň. Mysal hökmünde şeýle setirleri getirip bolar: "Howpy bolmadyk adam döwrüň tersine gitmez. Göreňokmy, deňiz tolkunlary maslygy ýokary zyňar, dür daşlar deňziň çuň ýerinde karar tapar. Asmanda san-sajaksyz ýyldyz bardyr welin, diňe aý bilen günüň öňi tutular. Ýer ýüzünde gör näçe gök ýaprakly daragt bar, ýöne diňe miweli agaja kesek atylar".

Adam islendik ýagdaýa düşeninde-de adam bolmagy ýadyndan çykarmaly däldir. Elmydama erbetlikden daşda saklamagy Alladan dileg etmelidir. Munuň dogrydygyna şu setirleri okanyňda, has hem gowy göz ýetirýärsiň: "Pygamber alaýhyssalam Hudaýdan dileg edende: "Eý, Alla, azdyrýan baýlykdan we adamlygyňy unutdyrýan garyplykdan özüň gora" diýer ekeni." Türkmeniň "Alla mesem etmesin, pesem etmesin " diýip aýdylýan dilegi hem şol pikir bilen baglanyşyklydyr.

Türkmeniň myhmansöýer halkdygy hemmelere mälim. Onuň gadymdan gelýän kökleriniň bardygyny indiki mysallar subut edýär: "Dawut pygamberiň özi arpa çöregini iýip, myhmanlaryna elmydama ak un çöregini hödürlär eken". "Abdylla ibn Omar şeýle diýdi: "Nahara näçe köp el uzasa, ol şonçada Hudaýa ýakymlydyr (süýjüdir)". "Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: "Myhmanyny hezzetlän adamyň her döwüm çöregi üçin oňa ýüz ýagşylyk ýazylar, bir ýyllyk günäsi ýuwlar. Eger şol häsiýetini dowam etse, jennetdäki ornuny görmän dünýäden gitmez."

"Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: "Myhmansyz öýde bereket bolmaz". Şular ýaly setirleri döreden halkyň myhmansöýerligiň bütin süňňüne siňendigi has hem aýdyň.

Sahy bolmak, adama bugdaý nanyň bolmasa-da, bugdaý sözüňi bir bermegi başarmak hemmelere başartmaýar. Bu Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy ýaly adamlara, hakykly halk ogullaryna başardýar. Ol bize gül kimin içimizden açylmagy maslahat berýär, özüniň işleri bilen bolsa, onuň nähili bolýandygyny subut edýär. Beýik Serdarymyz öz işleri bilen türkmeniň hakyky türkmen häsiýetlerini bize görkezýär. "Mertebeler we kemlikler" atly eserde hem şeýle setirler duşýar: "Beşşar ibn Burhan: "Guşlar däne dökülen ýere gonýar, mätäçler sahylaryň howlusynda gijesini geçirýärler. Eý, ibn Selm, sahylaryň oý-pikiri – ile eçilmek we gül deý açylmakdyr. Olar umyt edýänligiň, ýa-da senden gorkýandyklary üçin berenok, olar sahylykdan lezzet alýarlar".

Adam kynçylyk çekende, durmuşda özüniň aýratynlygy bilen tapawutlanan adamlar bu dünýeden ötenlerinden soň hem olardan kömek

sorap, dileg edýärler. Öten-geçenleriň ruhuna aýat-töwir adýärler. Olaryň ruhunyň elmydama goldaw berýändigini unutmaýarlar. Bu barada “Mertebeler we kemlikler” atly kitapda Hatam Taý bilen baglanyşykly mysal getirilýär. Onuň mazaryna baranlara hem kömek edýändigi barada aýdylýar.

Ine, Reýhan Horezminiň “Mertebeler we kemlikler ”atly kitabyndan alnan şu az sanly mysallar bu eseriň ähmiýetiniň örän uludygyna şaýatlyk edýär.

Milli mirasymyzyň egsilmez çeşmeleriniň biri hem **“Ajaýyplyklaryň düri**” atly gymmatly ruhy baýlyklary, türkmeniň däp-dessuryny özünde jemleýän, awtory belli bolmadyk eserdir. Bu eser hem edil Reýhan Horezminiň “Mertebeler we kemlikler” atly eseri ýaly ilki bilen terbiýe berijilik häsiýeti bilen tapawutlanýar. Ol adama nämäniň gowudygyna, nämäniň erbetdigine düşünmäge ýardam berýär. “Ajaýyplyklaryň düri” atly eserde durmuşyň dürli ugurlaryna degişli edep kadalary, öwüt-ündewler, wesýetler beýan edilýär. Ondan her bir adam kalbyny gozgalaňa salýan soraglara jogap tapýar.

Terbiýäniň başy ilki bilen ene-ata goýulýan sarpadan, olara bolan söýgüden başlanýar. Bu barada kitapda şeýle rowaýat getirilipdir.”Bir gün bir kişi Resul aleýhyssalamdan sowal sorapdyr:

- Eý, resul Alla! Men atamy ýetmiş mertebe Käbä alyp bardym we getirdim. Ýene-de atamyň mende haky barmydyr?- diýýär. Onda resul Ala:

- Sen bir gije turup alada edeniniň hakyny ödäpsiň - diýýär”.

Adamyň hemme taraplaýyn päk bolmagyny ündeýän mysallar hem bu eserde köp duşýar. Eger bir ýerde säwlik goýberseň, Beýik Serdarymyz

Saparmyrat Türkmenbaşynyň nygtaýşy ýaly, ol säwlikler diňe saňa däl, eýsem seniň nesilleriňe-de öz täsirini ýetirýär.Munuň şeýledigini subut edýän mysala ýüzleneliň. “Irki döwürlerde Hoja Tirmizi atly bir takwa adamyň ogly azgyn we bozuk bolup ýetişipdir. Bu barada müritleri ondan sorap: “Eý, Hoja, biz perzendiň bozuk bolmagy ata-enäniň haram lukma iýmeginden diýip eşidipdik. Bu haldan şyhymyz örän arassadyr, hatyny hem şonuň ýalydyr. Bu oglan näme sebäpden beýle boldy?” diýip sorapdyrlar. Onda Hoja Tirmizi: “Eý, ýaranlar, birwagtlar ýurduň häkimi raýatlaryna köp pul salgyt salardy. Olar meniň ýanyma gelip:

- Eý, Hoja, Bizi bu beladan halas et – diýdiler. Ol wagt men bialaç bolup, häkimiň ýanyna bardym. Oňa aýtdym:

- Eý, häkim, bu işiňi goýgul – diýdim. Onda ol:

- Siz meniň tagamymy iýseňiz, men puly almaryn – diýdi. Men zerur

bolup häkim bilen ylalaşdym. Olar maňa şol wagt desterhan getirip ýazdylar. Owwal men bir lukma tagamy agzyma saldym we ençeme wagtlap ony ýuwutman agzymda saklap oturdym. Emma häkim menden gözüni aýyrmady. Ahyrynda men ol çöregi ýuwutmaly boldum. Ine, şol bir lukma çöreginiň kuwwatyndan hem şu oglan kemala geldi .”

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamada “Ylym bagtyň çyragydyr” diýen sözleri ylym bilen meşgullanýanlary has hem ruhlandyrýar. “Ajaýyplyklar düri” atly kitapda-da ylym baradaky pikirler getirilýär. Olary okanyňda, ylym, onuň adamyň durmuşyndaky orny baradaky ajaýyp pikirler seni ylmyň jadyly dünýäsine äkidýär. Bu kitapda Muhammet Pygamberden şeýle hadysy getirilýär: “Alymlar meniň mirasdüşerlerimdir. Meniň ymmatymyň arasynda iň ynamdarydyr. Olar meniň ymmatymy dogry ýola salyjylardyr, howply ýoldan gaýtaryjylardyr”.

Özüň zenan bolanyňdan soň, taryhy mirasy öwreneniňde ilki bilen seni gyzyklandyrýan mesele aýal-gyzlar meselesidir. Türkmen zenanlarynyň taryhy durmuşy, Beýik Garaşsyzlyga çenli doly beýan edilmedik meseleleriň biridi diýsek, ýalňyş bolmaz. Aýal-gyzlar meselesine çuňňur düşünmäge mümkinçilik berýän kitaplaryň biri-de **Mähri Hatynyň** eserleridir. Mähri Hatyn XV asyrda ýaşan we gündogar edebiýatynyň görnükli wekili hasaplanýan zenan şahyrdyr. Osmanly Türkmen zenanynyň şol döwürde meşhur şahyr bolmagy aýal-gyzlara goýulan hormata şaýatlyk edýär. Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy tarapyndan aýal-gyzlara goýulýan sarpa, olaryň döwletde ýokary wezipelere çekilmegi şol ata-babalarymyzyň ýol-ýörelgelerinden ugur alynýandygyna şaýatlyk edýär.

Mähri Hatynyň döredijiligi arkaly onuň döwründe-de zenanlary gozgalaňa salýan meseleler bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik alynýar. Mähri Hatynyň watana, söwer ýara söýgi, terbiýe meselesine degişli goşgulary okanlaryň kalbyny gozgalaňa salýar.

Watana söýgi ilki bilen öz ýaşaýan ýeriňe bolan söýgüden başlanýar. Bu mesele Mähri Hatynyň döredijiliginde-de öz beýanyny tapýar. Ol dogduk mekany bolan Amasiýa barada öz döredijiliginde ýazýar. Şol döwürde Amasiýa Osmanly türkmen döwletiniň meşhur ylym we medeni ojaklarynyň biri bolupdyr. Bu şäheri zenan şahyr şeýle wasp edýär:

Şähri Amasýadyr bir huby-ragna gülgüzar,

Her tarapda jan-u dilden set hezar uşşak bar,

Göwresinde daýre çekmişdir anyň kuhysar,

Hälidir kim döwür edipdir mahy-tabany dürst.

Daş-töwerekde bolup geçýän hadysalara seredeniňde, olar bilen ýaşaýşyňy deňeşdireniňde öz durmuşyňa dogry baha bermek başardýar, şonuň netijesinde özüňde bar zatlara bolan söýgüň artýar, kanagatlanma duýgusy ýüze çykýar. Şeýle pikir Mähri Hatynyň döredijiliginde beýanyny tapýar:

Gülşene meýl etmezem, gül kibi ýarym bar eken,
Bilbile güwş etmezem, ah ile zarym bar eken.
Serwä baş indermezem, tubyýa boýnum egmezem,
Münteha kaddyň kibi ragna çynarym bar eken.
Janu-dil nagdyny, janan, ýoluňa harç eýledim,
Hoş sapa sürdüm jahanda, elde barym bar eken.
Synamyň genjine senden egsik olmaz lagl-u dür,
Müflis olmaz dil ne gam, bu eşkbarym bar eken.
Neýlerem men yzz-u jahy ýa jahanyň refgatyn,
Itler ile işiginde ygtybarym bar eken.

Zenanlar üçin esasy meseleleriň biri söwer ýara bolan söýgüdir. Söýgi barada pikir etmedik, onuň nämedigini anyklamaga çalyşmadyk adam ýok diýsek, ýalňyş bolmaz. Bu mesele Mähri Hatynyň hem ünsünden düşmändir. Onuň durmuşynda söýgüniň uly orun eýeländigine aşaky setirler şaýatlyk edýär:

Huplaryň mährini, Mähri, öleris, terk etmeris,
Kim ne ise diýsin, biz olmarys ýarsyz.

Ýa-da:

Nowjuwan etdi Züleýha kibi, Mähri, seni yşk.
Kylaly lift ile Ýusup nazaryn şah saňa.

Terbiýe, öwüt-ündew meselesi hem Mähri Hatynyň ünsünden düşmändir. Adamyň erkli bolmagy ony ähli erbetliklerden daşda goýýar. Bu barada şahyr zenan şeýle diýýär:

8

Katyl et nebsiňi, hoş paryg ol,
Kim ne diýr ise diýsin, sen sadyk ol.

Şeýlelikde, şahyr zenan Mähri Hatynyň döredijiliginde öwrenere zat kän. Olary çuňňur öwrenmek we halk köpçüligine ýetirmek bolsa, geljegiň işi.

Miras çemenleriniň ýene biri asly Gökdepeli şahyr bolan **Patşa Hojanyň "Gülzar**" eseridir. Bu eser gysgajyk hekaýatlardan, tymsallardan, rowaýatlardan durýar. Olar arkaly taryhy şahslaryň, meşhur adamlaryň, din wekilleriniň, hökümdarlaryň durmuşy bilen tanyşmak bolýar. Bu eser arkaly şol taryhy döwür bilen baglanyşykly möhüm syýasy, ykdysady, medeni we beýleki wakalar bilen hem tanyşmak bolýar.

Patşa Hojanyň "Gülzar" eserinde ilki bilen ünsüňi çekýän mesele adamyň ruhy päkligi, adyllygy ýaly meselelerdir. Diňe ruhy päk adam, hiç haçan erbet iş etmeýär, elmydama ahyryýetiň pikirini edip, ýagşy

işleri etmek bilen meşgullanýar, şan-şöhrata kowalaşmaýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň "Täze türkmen ruhy" atly goşgusynda "Şöhratam kowalan ýigitden gaçar, Şöhratdan gaçanyň yzyna düşer" diýip, beýan edişi ýaly, şöhratdan gaçýar. Adyl, halkyny söýýän adamyň şöhraty elmydama onuň ýanynda bolýar. Bu dünýäni terk edeninden soň hem görjegi gowulyk bolýar. Bu barada Patşa Hojanyň "Gülzar" eserinde-de bu meselä uly orun berýär. Ondan şeýle hekaýaty mysal getirmek bolar:

"Şeýle diýýärler:

Magşarda ýüzi dolan aý dek ýagty we röwşen bolan bir kişi peýda bolar. Onuň ýüzüniň röwşenliginden magşardakylar nurlanyp, joşgun taparlar we kalplary açylar. Şonda:

- Munuň ýaly belent mertebelere we derejelere mynasyp bolan kişi kimdir – diýip soradylar. Şonda:

- Bu ol dünýäde adyllyk eden patyşadyr. Dünýä çemenini adyllyk bilen gülşen edeni üçin magşar giňişligini ýüzüniň nury bilen şunuň ýaly röwşen edýär – diýip jogap bererler."

**Abdyrahman Jamynyň "Baharystan**" eseri hem giň halk köpçüligine tanyş bolmadyk eserleriň biridir. "Baharystan" Abdyrahman Jamynyň döredijiliginde uly orun tutýan eserdir. Ogly üçin ýazan bu kitaby köp adamlaryň durmuş, terbiýe kitabyna öwrülipdir. Ondan her kim adam bolmagyň gizlin syrlaryna akyl ýetirmegi öwrenipdir, geçmiş, taryhda yz galdyran şahsyýetler bilen tanşypdyrlar. Mysal hökmünde emir Hysrow Dehlewi hakyndaky aýdylanlary getireliň:

Emir Hysrow Dehlewi (Alla oňa rehmet etsin!). Onuň şygyrlary köp ugurlydyr. Kasyda, gazal, mesnewi ýazypdyr we hemmesinde-de kämillige ýetipdir. Ol Hakanynyň yzyna eýeripdir. Onuň kasydasynyň derejesine ýetmek her kime başartmasa-da, gazalda ondan ozduranlar bolupdyr. Onuň gazallaryndaky yşk-söýgi keşpleri adamlaryň öz höweslerine we wyždanlaryna laýyk

görlenine görä, ol göwünlere makul boldy. Hiç kim Nyzamynyň “Hamsasyna” ondan gowy nezire döredip bilmedi. Bulardan başga-da, onuň köp sanly mesnewisi bar. Olaryň hemmesi ussatlyk derejesinde ýazylandyr.

**Reşideddin Watwatyň “Resmi hatlar**” atly kitaby XII asyryň beýik söz ussady, şahyrynyň nesillerine goýan gymmatly sowgadydyr. Bu kitapda 112 hat getirilýär.Olar taryhy hem syýasy ýagdaýlary beýan etmekde bahasyna ýetip bolmajak çeşme bolup durýar. Bu kitapdan her kim özüne gyzykly bolan soraglara degişli pikirler bilen tanyşyp biler. Mysal üçin, 60-njy hat alymlara bagyşlanypdyr.

**Altmyşynjy hat**

Goý, Pylanynyň ömri uzak, işi rowaç bolsun! Goý, bu ylym eýesine, abraýly, tanymal ynsany Allatagala öz penasynda gorap saklasyn!

Ynsan nähili gowy ýaşasy, ýagşy lezzetli ömür süresi gelse-de, oňa ýetmek örän kyndyr. Emma ylym eýesi bolup, hor ýaşamak mümkin däldir. Alym adamy zalym hem, zaman hem ýagşy ýaşaýyşdan mahrum edip bilmez. Alymy ýagşy, lezzetli ýaşaýyşdan mahrum edip biljek diňe ajaldyr. Alym özüniň ylymy bilen maly-dünýä, hormat-sylag we abraý-dereje gazanyp biler. Meniň bu sözleri ýazmagymyň sebäbi bu ýagşyzada ynsan Allatagalanyň söýüp, oňa ylym bilen abraý-derejä we mertebä ýetiren ynsanydyr. Onuň ylmy we danalygy ony uly hormata we sylaga mynasyp edýär. Häzirki zamanyň bulagaýlyk wagtynda şeýle keremli adamlaryň yslam dini we döwleti üçin bitiren we bitirmeli hyzmatlary ägirtdir. Diňe şeýle ylymly, dana adamlar bulagaýlyk döwürlerinden baş alyp çykyp bilerler we beýlekilere-de dogry ýol salgy bererler. Men oňa bu diýara gelip, emiriň derejesindäki abraýa eýe bolmagyny teklip edýärin. Onuň özüniň we maşgalasynyň biziň diýarymyza gelmegi biziň üçin uly sylag-hormatdyr. Ol biziň ýanymyza gelse, Allatagala aýtjak hamdy-senamyzyň we şükürimiziň çägi bolmazdy. Diňe ýagşyzada ýnsanlar öwgä mynasypdyrlar.

**“Türkmen galalary hakynda rowaýatlar**” atly kitapda Wezirgala, Nusaý, Ürgenç ýaly 58 sany gala hakyndaky rowaýatlar getirilýär. Ol rowaýatlardan türkmen döwletliginiň taryhyny has aýdyňlaşdyrmaga gerekli pikirler bilen tanyşmak bolýar. “Türkmen galalary hakyndaky rowaýatlar” atly kitapdan her bir okyjy öz ýaşaýan ýerindäki we watanymyzyň dürli künjegindäki galalar barada gyzykly maglumatlary

alyp bilýär. Mysal üçin, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda ýaşaýanlar üçin Änew bilen baglanyşykly rowaýat gyzykly bolsa gerek.

**Änew**

Bir wagt Teýmir şanyň agtygy Babyryň şalyk sürýän döwründe Bagabat şäheri gülläpdir. Bagabadyň, ýagny "Bagly şäheriň" dabarasy köp ýerlere aşypdyr. Ol ýerde alma, üzüm ýaly köp dürli miweli agaçlar ekilipdir.

Ylaýta-da, Bagabadyň almasynyň şöhrady uzaklara ýaýrapdyr. Gyzlaryň ýaňaklary Bagabadyň almasyna meňzedilipdir. Bagabadyň şeýle şöhrada ýetmeginiň sebäbi hem şol döwürde Babyr suwa üns beripdir. Ol Bagabady suwarmak üçin iki sany nagym çekdiripdir. Şolaryň biri "Şowlatma" diýen nagym bolupdyr. Beýlekisi "Abi now", ýagny "Täze suw" nagymy bolupdyr. Änew sözi "Abi now" nagymynyň ady esasynda döräpdir.

Änew galasynyň galyndylary häzir Ahal welaýatynda ýerleşýär.

**"Türkmen şorta sözleri**" atly kitap dürli döwürlere degişli şorta sözler ýygnalan golýazmanyň esasynda taýýarlanypdyr. Onda dürli meselelere bagyşlanan şorta sözler duşýar. Şorta söz döretmek ukuby bolan halk ösen aňyýete eýedir, islendik ýagdaýa düşende-de çykalga tapmagy başarýandyr, her bir gören-eşideninden netije çykaryp, özüne gerekli sapak alyp bilýändir. Kitapdan mysala ýüzleneliň:

**Geplemezlik gowy ýaly**

Bir patyşanyň ogly hiç geplemändir. Ony gepletmek üçin her zat edip görüpdirler. Onuň üçin barmadyk tebipleri, etmedik emleri galmandyr.

Bir gün patyşa:

- Kim oglumy gepletse, islän zadyny berjek – diýip, jar çekdirýär.

Bir garry patyşanyň ýanyna gelip:

- Sen ogluňy awa alyp git – diýip, maslahat berýär.

Patyşa wezir-wekillerini ýygnap, ogluny hem alyp, awa gidýär. Olar awda gezip ýörkäler, birden, bir sülgün «Jagak-jagak» edip seslenýär. Munuň sesini eşiden bir adam ony elindäki taýagy bilen urup alýar. Ony gören geplemezek şa ogly:

- Geplegenden geplemezek gowrak.

Gepledim-de, degdi başyma taýak – diýipdir.

**It guýrugyny bulasa**…

Sarahsyň obalarynyň birinde Muhat Han diýen bir gazet paýlaýan: "Gazeti kimlere berýäň?» diýenlerinde:

- Nirede it guýrugyny bulasa, şol öýe beräýýän, sebäbi it guýrugyny bulaýan ýerde nahar bişýär – diýipdir.

**Mahmyt Zamahşary**, onuň döredijiligi bilen halk köpçüligi Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy zamanasynda tanyşmaga mümkinçilik aldy. Ýakynda Beýik Saparmyrat Türkmanbaşynyň howandarlygynda bu dünýä belli alymyň **«Ýagşyzadalaryň bahary»** atly iki kitapdan duran eseri çapdan çykdy. Ol Stambulda saklanan arap dilindäki golýazmanyň

terjimesi esasynda çapa taýýarlanypdyr. Bu kitapda kyssa bilen şygryýet

utgaşdyrylyp, türkmeniň we Gündogar halklarynyň däp-dessuryna, medeniýetine degişli maglumatlar berilýär. Onda alymyň watanyna bolan söýgüsi, ýaşaýan ülkesiniň gözelligi, halkynyň özboluşlylygy wasp edilýär. Kitapda getirilen maglumatlar Mahmyt Zamahşarynyň

çäksiz pähim-paýhasyna, ösen dünýägaraýşyna, örän synçy adam bolandygyna şaýatlyk edýär. Olary okanyňda, durmuş barada çuňňur oýlanmaga mümkinçilik alýarsyň hem jadyly paýhas dünýäsine aralaşanyňy hem duýman galýarsyň. Bu kitap arkaly Mahmyt Zamahşarynyň örän sowatly adam bolup, diňe bir yslamyň kada-

kanunlaryndan, filosofiýadan, astronomiýadan, syýasatdan baş çykarman, eýsem edebiýatda-da meşhurlyk gazananyna has hem gowy göz ýetirýärsiň. Mahmyt Zamahşarynyň “Ýagşyzadalaryň bahary” atly kitaplaryndan käbir mysallara ýüzleneliň:

Öňküler watan topragyny ysgap durar ýaly, ýola çykanlarynda ýanlaryna öz topraklaryndan toprak alar ekenler. Şeýle hem suw içenlerinde, suwuň içine seper ekenler.

Merwiň düýbüni Afrasyýap tutupdyr. Keýhysrow galan ýerlerini gurupdyr. Isgender hem şäheri doly tamamlapdyr.

Nusaýy Pirur ibn Ýezdigert gurupdyr. Oňa “Piruzyň şäheri” hem diýer ekenler.

Abraýly dost dostuň dostuny hem söýýän dostdur.

Tamakinçiligiň esasynda gurlan dostlugyň soňy umytsyzlykdyr.

Akyl-ukyp taýdan öňde bolan, rysgalda yzdadyr.

Mal-mülk bir nesipdir, bir köpelýär, bir azalýar, bir görseň gider, soň ýene gaýdyp geler.

Kalbyň salgy beren işini et. Musulman kalby hiç haçan hem erbetligi ündemez.

Mukaddes kitaplaryň birinde: “Geçirimli adam uzak ýaşaýandyr” diýilýär.

Dil adama berilýän bahanyň terezisidir.

Muhammet alaýhyssalam: “Musulman üçin haýyr adaty, şer iş gaçgyny bolmalydyr” diýýär.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda Türkmenistanyň Milli medeniýet «Miras» merkezi Türkmenistanyň Türkmenbaşy adyndaky Milli golýazmalar instituty bilen bilelikde çapa taýýarlanyp, neşir edilýän kitaplaryň türkmeniň taryhy, halkyň däp-dessury, aňyýeti, ýaşaýyş aýratynlygy we ş.m. barada dogry, we çuňňur oýlanmaga itergi berýän maglumatlara baýdygyny ýokarda getirilen az sanly mysallardan görünýär. Olaryň her biri okyjyny türkmeniň taryhynyň, medeniýetiniň, edebiýatynyň, diliniň we ş.m. özleşdirilmegine garaşyp ýatan syrly gatlaklaryna eltýär, şol ýerdäki syrlary öwrenmäge uly mümkinçilik döredýär. Mirasyň bu çemenleri bize halkymyzyň taryhy geçmişi, ata-baba ruhy baýlyklary bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik berýär. Her bir neşir edilen eseri okanyňda, öz halkyňa, Watanyňa bolan söýgiň has hem artýar we çuňlaşýar.

Türkmen halky üçin edýän her bir aladasy üçin Beýik Saparmyrat Türkmenbaşa uly minnetdardyrys. Goý, onuň jany sag, işi elmydama rowaç bolsun!